# «Wah, şeýlemidi…» / ýumoreska

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Wah, şeýlemidi…" / ýumoreska «WAH, ŞEÝLEMIDI…»

Baýra dyrmaşyp ugran gölegçileriñ Oraz ikimizem orta gürpünden barýardyk. Şol pursatda bölüm müdirimiz misli gökden düşen ýaly gapdalymyzda häzir boldy. Ol:
– Näme, iliñ yzynda aýagyñyzy süýreşip gelýäñiz, kömek etmeli ahyry – diýdi-de, ýüzümize hyrsyz garap, öñe okdurylyp gitdi. Badyna-da tabydyñ bir tarapyny göterip barýan deşli ýigidiñ eline ýapyşdy.
Ýapy ýokary ýol, agyr tabyt labyr atyp, müdiriñ çepiksije göwresini ýegşerdýärdi, çaýşanaklaýan aýaklary bu zähmetiñ oña juda agyr degýänini has-da äşgär görkezýärdi.
Öz medicine dözmedimi ýa-da merhumyñ öñündäki iñ soñky adamkärçilik borjuny berjaý etmekçi boldymy, garaz. Oraz öñden barýanlaryñ yzyndan ýetdi-de:
– Ora Sapaýewiç, indi gezegi maña beräýiñ! – diýip, müdire ýüzlendi.
Ora Sapaýewiç ýegşerip barşyna tutuk sesi bilen:
– Özüm… – diýdi.
Şondan soñ Oraz yzdakylaryñ birini çalşyp, soñ gezegi ýene birine berdi-de, meniñ bilen gapdallaşyp, ýöräp başlady.
– Bu neneñsi geñ hadysa boldy-how. Ora Sapaýewiç beýle ýagdaýda öz ilen-çalanlaryna-da «ýüregim bolanok» bahanasy bilen görünýän jemende däldi-le? – diýip, Oraz geñirgendi.
– Şuña menem haýran?!
Merhum jaýlanýarka-da Ora Sapaýewiç ähli işe özi ýetjek bolup pelesañ urýardy, şol bir wagtda hem assyrynlyk bilen töweregine garanjaklaýardy. Ol ahyry nämüçindir ynjalman, ýene ýanymyza geldi-de:
– Näme üçin Geldi Meredowiçiñ özi görnenokka? – diýdi.
– Ol haýsy Geldi Meredowiç?
Orazyñ garşylyklaýyn beren sowalyna müdiriñ girre gaharynyñ gelendigini hyrsyz jiñkerýän gözjagazlar habar berýärdiler.

– Näme, indi direktoryñ adynam unudaýdyñmy?
– Weý, ol bu ýere nädip gelsin, onuñ öz gaýyn atasy aradan çykypdyr-a – diýip, men Oraza Derek jogap berdim.
– Ä, bu kim?..
– Bu bir wagt edaramyzda garawulçylyk edip, şondan pensiýä giden Mele aga, bende…
Men sözümi tamamlamankam…
– Wah, şeýlemidi, asyl – diýip, ol ahmyr bilen başyny ýaýkady-da, hasanaklap, märekeden saýlandy.

Gurbanmuhammet REJEBOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1986. Satiriki hekaýalar